# Mäti Kösäýew

Category: Edebiýaty öwreniş,Kitapcy,Türkmen dili,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025

Mäti Kösäýew Professor Mäti Kösäýew tutuş manyly ömründe geçmiş edebiýatymyzy, türkmen halk döredijiliginiň nusgalaryny öwrenmekde, olary okyjylara ýetirmekde uly işeňňirlik görkezen alymlaryň biridir. Mälim bolşy ýaly, ylym bilen meşgullanýan adamlaryň arasynda “Geçmişi öwrenmezden, geljege gadam basmak mümkin däl” diýen wagtyň synagyndan geçen ýörelge bar. Hakykatdan-da, geçmişimizde nusga edinäýmeli ýol-ýodalar, düzgün-kadalar bar. Bu ruhy gymmatlyklarymyzyň kemala gelmegine uly goşant goşan Mäti Kösäýew, Ata Gowşudow, Aman Kekilow, Baýmuhammet Garryýew, Berdi Kerbabaýew, Ruhy Alyýew… ýaly, şu ajaýyp günlerimiziň bagtyýar ýaşlarymyz üçin görelde mekdebi bolan meşhur alymlarymyz, ýazyjy-şahyrlarymyz bar. Bu tanymal şahsyýetlerimiz geçen asyryň birinji ýarymynda türkmen edebiýatynyň, edebiýaty öwreniş ylmynyň başyny başlan adamlardyr.

Bularyň arasynda meşhur alymymyz professor Mäti Kösäýew tutuş manyly ömründe geçmiş edebiýatymyzy, türkmen halk döredijiliginiň nusgalaryny öwrenmekde, olary okyjylara ýetirmekde uly işeňňirlik görkezen alymlaryň biridir. Mäti durmuş, döredijilik ýolunyň ýeňil bolmandygyna garamazdan, dyngysyz zähmeti bilen köpleriň söýgüsine we hormatyna mynasyp boldy. Ol türkmen halk döredijiliginiň ençeme eserlerini toplap, çapa taýýarlan, olaryň okyjylara ýetmegini, ylmy taýdan öwrenilmegini gazanan alym hökmünde tanalýar. Meşhur “Gorkut ata”, “Görogly” eposlarynyň, “Şasenem-Garyp”, “Ýusup-Ahmet”, “Asly-Kerem” ýaly dessanlaryň, Döwletmämmet Azadynyň “Wagzy-Azat” eseriniň toplanylmagynda, kitap görnüşinde okyjylara ýetmeginde Mäti aganyň abyrsyz hyzmaty bardyr.

Galyberse-de, bu meşhur alymymyz beýik akyldarymyz Magtymguly Pyragynyň ajaýyp eserlerini toplamakda, neşir etmekde,

sözlüklerini düzmekde, ýaşyny, döwrüni anyklamakda, oňa bagyş-lanan ylmy maslahatlary taýýarlamakda, geçirmekde ýadawsyz iş-län Magtymgulyşynasdyr. Mäti aga XIX asyr türkmen edebiýatynyň görnükli şahyrlarynyň ençemesiniň eserleriniň toplanylmagyna, çap edilmegine, ylmy taýdan derňelmegine gatnaşan alymdyr. Mäti Kösäýew 1906-njy ýylda Herrikgala obasynda daýhan Annadurdynyň (ýörgünli lakamy – Köse) maşgalasynda eneden bolýar. Bu maşgalada ol ýeke-täk perzent bolan. Mäti bäş ýaşyndaka, onuň kakasy maşgalasynyň ýeter-ýetmezçiligi zerarly, eklenç gözläp, Tejeniň Bagşymiriş obasyna (häzirki Agalaň) düýeli göçüp barýar.

Ol 1922-1925-nji ýyllarda ilki Bagşymirişdäki mekdepde, soňra Agalaňda açylan mekdepde okaýar. 1926-njy ýylda bilime bolan höwesi ony Mary şäherindäki oba mekdepleriň mugallymlaryny taý-ýarlaýan bir ýyllyk okuwa alyp gelýär. Ol 1926-njy ýylyň sentýabryndan 1928-nji ýylyň güýzüne çenli Tejeniň Aksopy obasyndaky mekdepde mugallymçylyk edýär. Gündiz çagalary okatsa, agşamlaryna ululara sowat öwredýär. Mugallymçylyk eden döwründe türkmen halkynyň baý edebiýaty bilen gyzyklanyp baş-laýar. Obalara aýlanyp, ençeme wakalaryň şaýady bolan ýaşulylardan ýazyp alan lälelerini, hüwdilerini, monjugatdylaryny Aşgabatdaky şol wagtky Türkmen kultura (Türkmen medeniýet instituty) iberip durýar. Ýaş zehinli mugallym Tejene işe çagyrylýar. 1928-1930-njy ýyllarda ol Tejendäki mekdep-internatyň terbiýeçi-mugallymy, soňra bolsa müdiri bolup işleýär. Şol döwürlerde ýaş şahyryň goşgulary, aý-dymlary we läleleri şol wagtky “Pioner” (häzirki “Güneş”) žurnalynda, “Türkmenistan” hem “Daýhan” gazetlerinde çap edilýär.

1926-1931-nji ýyllarda Mäti Kösäýew magaryf guramalarynda iş-leýär. Ýaş şahyr 1931-nji ýylda täze açylan Aşgabat mugallymçylyk institutynyň (häzirki Magtymguly adyndaky TDU) dil-edebiýat fakultetine okuwa girýär. 1934-nji ýylda instituty tapawutlanan diplom bilen tamamlaýar. Ony şu ýerde mugallym edip galdyrýarlar. Munuň sebäbi Mäti Kösäýew latyn

dilini gowy bilýärdi hem döredijilik bilen meşgullanýardy. Ol professor A.P.Poseluýewskiniň assisenti hem şägirdi bolup, ene dili, halk döredijiligi, nusgawy edebiýat hem köne türkmen ýazuwyndan okadýar. Soňra uly mugallym, 1939-1952-nji ýyllarda bolsa dosent bolup işleýär. Ol şol ýyllardan başlap, mugallymçylyk hem ylmy işleri utgaşdyryp alyp barandygyna onuň mekdepler hem ýokary okuw mekdepleri üçin ýazan okuw maksatnamalary, okuw gollanmalaryny düzmäge işeňňir gatnaşmagy, aspiranturada okan ýyllary “Türkmen dilinde omonimler” diýen mowzukdan ylmy iş ýazandygy güwä geçýär.

Mäti aga B.Kerbabaýew, A.Gürgenli, R.Alyýew, A.Kekilow, A.Gowşudow, B.Garryýew ýaly meşhur şahyrlar, alymlar bilen türkmen edebiýatyny hem halk döredijiligini ilkinji öwrenjilerden biridir. M.Kösäýew özüniň ilkinji okuw kitabyny, 2-nji synp üçin “Ene dili” kitabyny 1938-nji ýylda ýazýar. Bu kitap 30 gezek neşir edilip, soňky neşiri 1987-nji ýylda çap edildi. M.Kösäýew 1942-1946-njy ýyllarda “Sowet Türkmenistany” gazetiniň redaktorynyň orunbasary, şol mahalky “Sowet edebiýaty” (häzirki “Garagum”) žurnalynyň redaktory bolup işleýär. Mäti aga 1962-1973-nji ýyllar aralygynda Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen edebiýaty kafedrasynyň müdiri – professory wezipesinde işledi.

1934-nji ýyldan bäri işläp gelýän kafedrasynyň mugallymy, dosenti, professory, müdiri hömünde türkmen halk döredijiligi, gadymy türkmen edebiýaty, XVIII-XIX asyrlaryň türkmen edebiýaty ýaly taryhy-edebiýat maksatnamalarynyň işlenip taýýarlanylmagyna ýolbaşçylyk etdi. Nazar Gullaýew, Kakajan Ataýew, Abdyrahman Mülkamanow, Kakajan Durdyýew, Öre Sapaýew, Babyş Mämmetýazow, Sähet Rejebow, Käbe Borjakowa… ýaly ençeme ýaş alymlaryň alymlyk dissertasiýalaryna ylmy ýolbaşçylyk etdi, türkmen edebiýaty kafedrasynyň mugallymlaryny saýlap-seçip, Türkmenistanyň ruhy medeniýetini kämilleşdirdi, iň esasy bolsa, ýüzläp-ýüzläp edebiýat mugallymlarynyň, onlap ylmy işgärleriň, edebiýatçylaryň, žurnalistleriň ösüp ýetişmegine uly tagalla etdi. Mäti aga 1984-nji ýylda aradan çykdy.

Gözel paýtagtymyzyň köçeleriniň biri Mäti Kösäýewiň adyny göterýär. Bu bolsa, Mäti Kösäýew ýaly, il-gününe halal hyzmat eden adamlaryň hemişe ýagşylykda ýatlanjakdygyna güwä geçýändir!

Jennet Şamyýewa, Magtymguly adyndaky TDU-nyň mugallymy. Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly